# Bürgüt

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bürgüt BÜRGÜT

Daglaryň, çölleriň bezegi bürgüt,
Byçgy ganatlaryň alysda ýaýyp.
Gözi aw agtarsa, aşyk ýüregi,
Ýeriň jemalyndan bilmändir doýup.

Ejizligi ýüreklerin paralan,
Görip gargajyklar gygyldaşanlar.
Ajyganda weli kiçelip olar,
Bürgüdiň galdyran awun daşanlar.

Günleriň birinde gara daş bolup,
Bürgüt awuň depesinden inipdir.
Şonda dagyň gyçak gerşine degip,
Polat ýaly ganatlary synypdyr.

Şol ýerde jan beren ol algyr bürgüt,
Häkimsiz galypdyr düzler, dereler.
Ol bürgüdiň pajygaly ölüşin,
Görüp,
              görip gargajyklar begenen.

Olar hezil edip gagyldaşanlar,
Bürgüdiň galdyran awundan doýup.
Emma giç,
Juda giç gara gargalar,
Aglaşanmyş awsuz galanny duýup.

31.01.1979 ý. Goşgular